# Özüme

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Özüme ÖZÜME

Döwrüm, eý, gözel döwrüm,
Depämde etdiñ öwrüm,
Haýry-halal içinde –
Geçip barýar-la ömrüm.

Güýji gitdi dyzlaryñ,
Yzda galdy ýazlarym,
Ahmyrym ýok, kinäm ýok –
Razy boluñ sallarym.

Ah, çamanlar, çamanlar,
Awundyrdy ýalanlar,
Baryn aýdyp durandyr –
Başa düşen gyrawlar.

Güýzde ýapraklar täner,
Arzuwlar – garrar, synar,
Gaçyp barýan keýikden –
Saýa küýsedim näler…

Saýa nirde, geçipdir,
Ötegçi guş uçupdyr,
Watanym hem ilim bar –
Diýmek, ýollar açykdyr.

29.01.96 ý.

Orazguly ANNAMYRADOW. Goşgular